# Ümlük

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ümlük ÜMLÜK

Ümlük!
Seniň bütin göwräň ýekeje çümmük,
Juda düşnükli sen ähli dilde-de,
Juda düşnükli sen ähli millete,
Milýard sözi oýlap tapan adamzat,
Duýgusyn,
gaýgysyn,
şatlyk-begenjin
Milýard sözi bilen gizläp bilmese,
sözläp bilmese,
Ynsanyň dadyna ýetişýän sensiň!

GÖWHERIM

Göwher… Göwher… Göwherim!
Gör, men seni näçe ýyllap gözledim,
Didäm ýaşlap, jiger-bagrym çäk edip,
Aýlanyp Diýaryň şäher-kendini,
Hem Geçmişe,
Hem-de Geljege gidip!
Gijelerne düýşlerimden gözledim,
Gündiz hyýal-huşlarymdan gözledim,
Köl boýuna gonup hüýre öwrülýän
Ertekileň guşlaryndan gözledim.
Perimi sen,
peýkermi sen,
hüýrmi sen?!
Dünýäň yklymlaryn, ýurtlaryn söküp,
Sen ýaly näzenin gyzy görmedim!
Nije ýyllap ahy-zaryňy çekip,
Seni tapyp bilmedim men Göwherim!

Gör, sen nirde gezip ýören ekeniň!
Sen bir ahu gözli jeren ekeniň!
Eý, Allam!
Maňa niçik bagty bereniň ekeniň,
Kerem ekeniň-ow, kerem ekeniň!
Eý-ho, arşy aglaň Humaýymy sen,
Ýa-da yşk-heseriň Hudaýymy sen?
Kerem-keramatmyň, gudratmyň Göwher,
Her bakaňda endam-janym jigleýär!
Her bakaňda sämäp aýlanýar kelläm!
Asmanda sergezdan kometa ýaly,
Hem ýanyp,
Hem ýakyp-ýandyryp gelýän.
Sen melekmiň,
melikemiň,
hüýrmüň sen,
Ataşmyň,
çyragmyň,
baky nurmuň sen?!
Sen ýanymda durmanmydyň ýaňja-da,
Eýýäm nädip ýüregime girdiň sen?
Dar hanasna sygman çyrpynýan çaý deý
Gursagymda ýyldyrymlap dursuň sen!…

Nobatguly REJEBOW. Goşgular